“TASSYKLAÝARYN”
Döwletmämmet Azady adyndaky
Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň
rektory ____________M.Çaryýew
“___” _____________2024 ý.

“Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyndan” gelip çykýan wezipelerden ugur alyp Halkara Bitarplyk güni mynasybetli ýaşlaryň arasynda zehinleri ýüze çykarmak, döwletimiziň alyp barýan hoşniýetli daşary syýasaty babatynda bilimlerini artdyrmak maksady bilen ýokary okuw mekdeplerleriniň talyplarynyň arasynda **“Berkarar döwletiň bagtyýar ýaşlary”** atly düzme ýazmak bäsleşigi guramak we geçirmek barada

# DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky 519 belgili Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyndan”, Hormatly Prezidentimiziň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky 340 belgili Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyndan” ugur alyp, Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli ýokary okuw mekdeplerleriniň talyplarynyň arasynda **“Berkarar döwletiň bagtyýar ýaşlary”** atly düzme ýazmak bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlandy.

## 1. Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirmek meýilleşdirilýän **“Berkarar döwletiň bagtyýar ýaşlary”** atly daşary ýurt dillerinde düzme ýazmak boýunça bäsleşigi (mundan beýläk – bäsleşik) gurnamagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

## 2. Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

**1)** “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasynyň wezipelerini ýerine ýetirmek;

**2)** “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasynyň wezipelerini amala aşyrmak;

**3)** Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parahatsöýüjilikli daşary syýasatyny we Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň arasynda Durnukly ösüşiň maksatlaryny ilkinji bolup ýurduň milli ösüş maksatnamasyna girizen Türkmenistan döwletimizde bu maksatlary durmuşa geçirmekde alnyp barylýan işleri ýaşlarymyzyň arasynda wagyz etmek;

**4)** "Pähim – paýhas ummany – Magtymguly Pyragy" ýylynda, Hormatly Prezidentimiz tarapyndan tassyklanan "Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň" esadynda ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi, onuň intellektual we döredijilik mümkinçilikleriniň, şeýle hem şahsy kämilliginiň doly açylmagy üçin döredilen amatly gurşawda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ýaşlaryň aýratyn ornuny nygtamak;

**5)** Bu ugurda döwletimiz tarapyndan alnyp barylýan işlere ýaşlary çekmek;

**6)** Bu babatda ýaşlaryň öz pikirlerini aýdyň beýan etmeklerini gazanmak;

**7)** Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek;

**8)** Daşary ýurt dillerini kämil bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we ukyplaryny açyp görkezmek.

## 3. Guramaçylyk topary

**3.1** Bäsleşigi geçirmegiň tertibini, möhletini, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär;

**3.2** Ýokary okuw mekdepleriň wekilleri bilen bäsleşigi guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar.

## 4. Bäsleşige gatnaşyjylar

**4.1** Bäsleşige Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň dürli taýýarlyk ugurlarynyň, hünärleriniň talyplary gatnaşyp biler;

**4.2** Gatnaşyjylaryň sany çäklendirilmeýär;

- Bäsleşige gatnaşmak isleýän talyplaryň hasaba alnyşygy 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 19-yna çenli dowam edýär. Munuň üçin ýokary okuw mekdebinden bellenen jogapkär mugallym *Gatnaşyjynyň hasaba alnyş maglumatyny* (1-nji goşundy) anyk we dogry doldurmaly we bellenen senä çenli Bäsleşigiň Guramaçylyk toparynyň elektron salgysyna patrioticyoutholym@gmail.com ugratmaly;
- gatnaşyjylaryň hasaba alnandygy barada maglumat we gatnaşyja berlen gizlin belgi 24 sagadyň dowamynda jogapkär mugallymyň elektron salgysyna ugradylar.

## 5. Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň tertibi

Bäsleşik internet üsti bilen, daşary ýurt dilinde düzme ýazmak görnüşinde 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine aşakdaky tertipde geçiriler:

**5.1** 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine sagat 14:00-da institutyň *datmddi.edu.tm* resmi internet saýtynyň *Soňky täzelikler* bölüminde düzmäniň temasy yglan ediler;

**5.2** Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça BMG-nyň resmi dilleri bolan **iňlis, ispan, fransuz, rus, arap ýa-da hytaý** dilinde düzme ýazmaly;

**5.3** Düzme bu işden edilýän talaplara (2-nji goşundy) doly laýyk gelmeli;

**5.4** Düzme ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;

**5.5** Berlen wagtdan (25.10.2024; 17:00) gijä galyp ugradylan işler Guramaçylyk topary tarapynda kabul edilmeýär;

## 6. Basleşigiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

**6.1** Basleşigin ýeňijileri düzmäniň mazmunyna, logiki yzygiderligine we talybyň öz pikirlerini daşary ýurt dilinde beýan etmek ukybyna berlen bahalara göra kesgitlener we baş baýrak, I, II, III derejeli diplomlar bilen sylaglanar. Ýerler 1:1:2:3 gatnaşykda bolar;

**6.2** Bäsleşigiň ýeňijileri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Uly mejlisler zalynda 09.12.2024 ýylda yglan ediler we institutyň Hormat hatlary we diplomlary bilen sylaglanarlar. Sylaglama dabarasynda ýeňiji bolan talyplar düzmeleri bilen çykyş etmeli. Çykyşyň mazmunynyň üsti prezentasiýalar we wideo şekiller bilen ýetirilip bilner.

Habarlaşmak üçin: *patrioticyoutholymp@gmail.com*

Goşundy 1

________________________________________________________

(ÝOM-yň ady)

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine geçiriljek düzme ýazmak bäsleşigine gatnaşjak talyplar barada**

**MAGLUMAT**

| t/b | Talybyň ady, familiýasy we atasynyň ady | Hünäri/taýýarlyk ugry | Okuw ýyly | Gatnaşjak dili |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |
| 2. | | | | |
| 3. | | | | |
| 4. | | | | |
| 5. | | | | |

**Jogapkär mugallymyň ady we familiýasy; elektron salgysy; telefon belgisi**

**Goşundy 2**

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine geçiriljek düzme ýazmak bäsleşigine hödürlenýän düzmeden edilýän talaplar**

1. 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine sagat 14:00-da Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň datmddi.edu.tm resmi internet saýtynyň *Soňky täzelikler* bölüminde düzmäniň temasy yglan ediler;
2. Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça BMG-nyň resmi dilleriniň biri bolan iňlis, ispan, fransuz, rus, arap ýa-da hytaý dilinde düzme ýazmaly;
3. Düzme her bir gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak ýazylmaly;
4. Düzme öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmaly; başga awtorlaryň işlerinden ulanylan bolsa, salgylanmalar bilen bellenilmeli;
5. Düzme ýazylanda emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak gadagan;
6. Düzmäniň söz sany iňlis, ispan, fransuz, rus we arap diller üçin **300 –-500, hytaý dili üçin 800 - 1000** söz aralygy bolmaly (söz sany çäklendirilmelerden az ýada artyk bolmaly däl);
7. Düzme Times New Roman şriftde, 14 pt ölçegde ýazylmaly, sahypanyň inine deňleşdirilmeli we **.doc, .docx** görnüşde ýatda saklanylmaly;
8. Faýlyň ady gatnaşyjynyň hasaba alnyş belgisi bilen ýatda saklanylmaly;
9. Düzme ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;
10. Düzme 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine sagat 17:00-a çenli Guramaçylyk toparynyň garamagyna *patrioticyoutholymp@gmail.com* elektron salga ugradylmaly;
11. Görkezilen wagtdan gijä galan ýa-da berlen şertlere laýyk gelmeýän işler bäsleşige goýberilmeýär.